**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

**#8(291)**

четверг, 27 февраля 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

**Международные новости**



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**27-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde wise-premýerleriň hasabatlary diňlenildi we döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa döwletimiziň hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli, şeýle-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly kanun taslamalaryny taýýarlamak, hereket edýän kanunlara degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça işler dowam edýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň 23—24-nji fewralda Gruziýa amala aşyran saparynyň netijeleri barada aýdyldy. Saparyň dowamynda dostlukly ýurduň Prezidenti, Premýer-ministri we parlamentiniň ýolbaşçysy bilen duşuşyklar geçirildi. Olar hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy Halkara zenanlar güni mynasybetli Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, welaýatlarda sekiz we şondan köp çagany dünýä inderen hem-de terbiýeläp ýetişdiren enelere Türkmenistanyň «Ene mähri» diýen hormatly adynyň nyşanlaryny, döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň açarlaryny gowşurmak dabaralaryny ýokary derejede guramak boýunça alnyp barylýan işler barada habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmegiň, Halkara zenanlar güni mynasybetli çärelere gowy taýýarlyk görmegiň we olary ýokary derejede geçirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň we onuň düzümleriniň alyp barýan işleri bara-da hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz halkara standartlar boýunça alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek maksady bilen taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan degişli infrastruktura taslamasyny durmuşa geçirmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda türkmen tebigy gazynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, harytlyk gazyň ätiýaçlyk gorlaryny döretmek boýunça işleriň amala aşyrylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmengaz» döwlet konserniniň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen bagly taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk dabaralaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde baýramçylyk dabaralarynyň, Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde «Ene hüwdüsi — iň kämil eser» atly dabaraly maslahatyň we serginiň, Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde «Ogulabat ejäniň el hünäri türkmen zenanlarynyň görelde mekdebidir» atly maslahatyň we serginiň, Şekillendiriş sungaty muzeýinde «Şekillendiriş sungatynda zenan waspy» atly serginiň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem Halkara zenanlar güni mynasybetli yglan edilen bäsleşikleriň jemini jemlemek meýilleşdirilýär. Bulardan başga-da, teatrlarda sahna oýunlaryny, kinoteatrlarda, kinokonsert merkezlerinde türkmen filmleriniň görkezilişini hem-de baýramçylyk konsertlerini geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde baýramçylyk çärelerini guramaçylykly geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz wise-premýere medeniýet we sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda geçiriljek baýramçylyk konsertine gowy taýýarlyk görmegi, ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow ýurdumyzda ylmy-lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň halkara talaplaryna laýyk gelýän ylmy-kliniki merkezleri, hassahanalary, şypahanalary, derman serişdelerini öndürýän kärhanalary gurmak, lukmançylyk ylmyny ösdürmek, halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatda toplanan oňyn tejribeler üstünlikli amal edilýär. Munuň özi ilatyň saglyk ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagyna, öňdebaryjy lukmançylyk ylmyna we tejribesine esaslanýan ählumumy ylmy-lukmançylyk diplomatiýasynyň ösdürilmegine, bu ugurda ýurdumyzyň halkara abraýynyň berkidilmegine ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda lukmançylyk ylmyny ösdürmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Türkmenistanda ylmy-lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Milli strategiýasyny» taýýarlamak boýunça degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew awtomobil ulagy pudagynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin milli kanunçylygy halkara kadalara laýyklykda kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda awtomobil ulagy pudagyny ösdürmekde, ulag howpsuzlygyny üpjün etmekde kanunçylyk işiniň halkara kadalar esasynda kämilleşdirilýändigini belledi. Döwlet

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Baştutanymyz halkara ulag gatnawlarynda sürüjileriň iş we dynç alyş düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçiligi kämilleşdirmek bilen bagly taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, mukaddes maşgala ojagyny gorap saklamakda, ogul-gyzlaryna mynasyp edep-terbiýe bermekde eziz enelerimize uly ornuň degişlidigini belledi. «Olaryň zähmeti bilen berkarar Watanymyzyň abraýy has-da belende göterilýär. Şoňa görä-de, mähriban enelerimiziň Garaşsyz döwletimizde hormat-sarpasy örän uludyr» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz köp çagaly enelere «Ene mähri» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permana gol çekdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sözüni dowam edip, ýurdumyzda 8-nji martda Halkara zenanlar gününiň giňden bellenip geçiljekdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz baýramçylyk mynasybetli Türkmenistanyň «Ene mähri» diýen hormatly adyny dakmak we ýaşaýyş jaýlarynyň açarlaryny gowşurmak çärelerini guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА ЯПОНИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления г-же Санаэ Такаити по случаю её переизбрания на пост Премьер-министра Японии.

В своём послании глава государства отметил, что с теплотой вспоминает встречу, состоявшуюся в Токио в рамках первого Саммита диалога «Центральная Азия–Япония», выразив готовность к совместному использованию широких возможностей туркмено-японского партнёрства, основанного на доверительном диалоге.

Пользуясь возможностью, Президент Туркменистана адресовал Премьер-министру Санаэ Такаити пожелания крепкого здоровья, благополучия и больших успехов во всех начинаниях во имя процветания дружественного народа Японии.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЭСТОНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Эстонской Республики Алару Карису по случаю Дня независимости Эстонской Республики.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Алару Карису искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Эстонии мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ СУЛТАНА ГОСУДАРСТВА БРУНЕЙ-ДАРУССАЛАМ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Султану Государства Бруней-Даруссалам Хаджи Хассаналу Болкиаху по случаю Дня независимости страны.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Султану Хаджи Хассаналу Болкиаху искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Государства Бруней-Даруссалам – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ЭМИРА ГОСУДАРСТВА КУВЕЙТ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Эмиру Государства Кувейт Мишаалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху по случаю Национального дня Кувейта.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана адресовал Шейху Мишаалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху сердечные пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Государства Кувейт – мира, прогресса и процветания.

# BELENT ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

20-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, milli kanunçylygymyzy döwrüň talaplaryna görä kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň gelin-gyzlaryna hormatly Prezidentimiziň adyndan pul sowgatlaryny bermek boýunça geçirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ynsanperwer döwlet syýasatyna laýyklykda, mähriban enelerimize, gelin-gyzlarymyza hormat goýmak däbini dowam etdirmek hem-de döwlet Baştutanymyzyň degişli Kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzyň zenan-gyzlaryna gowşuryljak pul serişdeleriniň möçberi kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasy hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Diýarymyzda mähriban enelerimize we zenanlarymyza uly hormat goýulýandygyny, olar üçin ähli döwrebap şertleriň döredilýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiz Halkara zenanlar güni mynasybetli pul sowgatlaryny bermek hakynda Buýruga gol çekendigini aýdyp, wise-premýere baýramçylyk mynasybetli pul sowgatlaryny dabaraly ýagdaýda gowşurmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň mart aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, mart aýynyň dowamynda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, Halkara zenanlar güni, Milli bahar baýramy mynasybetli dürli çäreleriň we dabaralaryň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň, şol sanda «Talyp gözeli», «Iň eýjejik gyzjagaz», «Zenan — Zeminiň zynaty», «Ýaşlygymyň bahary» atly bäsleşikleriň jemlerini jemlemek meýilleşdirilýär. Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň gelin-gyzlaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan pul sowgatlaryny gowşurmak dabaralarynyň, welaýatlarda, Aşgabat, Arkadag şäherlerinde baýramçylyk çäreleriniň, konsertleriň, suratkeşleriň sergisiniň, teatrlarda sahna oýunlarynyň görkezilişiniň guralmagy hem-de Mukamlar köşgünde baýramçylyk konsertiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Şu ýylyň mart aýynda welaýatlardaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky «Nowruz ýaýlasynda», Arkadag şäherindäki baýramçylyk meýdançasynda Milli bahar baýramy mynasybetli aýdym-sazly dabaralaryň, Daşoguz welaýatynda dessançy bagşylaryň gatnaşmagynda «Dünýäde ýaňlanýar ajap dessanym, toý tutýar Garaşsyz Türkmenistanym!» atly festiwalyň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Tertibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bellenilýän baýramçylyklar bilen bagly su ýylyň mart aýynda geçiriljek çäreleri giňden beýan etmek üçin degişli işleri alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere Halkara zenanlar güni, Milli bahar baýramy mynasybetli çärelere gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow 2026 — 2027-nji okuw ýylynda Rumyniýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek meselesi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýaşlaryň daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaklary üçin giň mümkinçilikleriň döredilýändigini, munuň milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ýokary bilimli hünärmenler bilen üpjün etmäge ýardam berýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz Rumyniýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek baradaky teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda halkara guramalar, şol sanda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn üns berilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasyny makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew pudaklara innowasion sanly çözgütleri we döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça Aragatnaşyk ministrligi tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryna öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Şunda dünýäniň tehnologik taýdan ösen ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi sanly ulgamy ösdürmek boýunça degişli konsepsiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklipleri hödürledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz Aragatnaşyk ministrliginiň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge gönükdirilen teklipleri goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# В ЛОНДОНЕ ОБСУЖДЕНЫ ВОПРОСЫ РАЗВИТИЯ ДВУСТОРОННЕГО ТОРГОВО-ЭКОНОМИЧЕСКОГО ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ

26 февраля 2026 года в Ланкастер-хаусе туркменская делегация во главе с Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым приняла участие в деловом приёме с представителями бизнес-сообщества Великобритании.

В ходе встречи с приветственным словом выступил Заместитель Премьер-министра Великобритании Дэвид Лэмми, подчеркнувший значение укрепления экономических связей с Центральной Азией и развития устойчивых партнёрских проектов.

Далее с краткими заявлениями выступили министры иностранных дел стран Центральной Азии.

В своем вступлении Министр Р.Мередов отметил, что современный этап характеризуется трансформацией глобальной архитектуры торговли и энергетики, формированием новых транспортных коридоров и центров экономического притяжения. Подчеркнуто, что Центральная Азия и Туркменистан занимают важное место в этих процессах.

Особое внимание уделено энергетическому потенциалу страны. Было отмечено, что Туркменистан располагает одними из крупнейших в мире запасов природного газа и на протяжении многих лет подтверждает статус надежного и ответственного партнера. В контексте пересмотра энергетических стратегий европейскими государствами выражена готовность к предметному диалогу по новым маршрутам поставок, долгосрочным контрактам и совместным проектам, включая сферу возобновляемой энергетики.

Туркменская сторона подчеркнула значение страны в развитии Среднего коридора и модернизации транспортной инфраструктуры, включая порт Туркменбаши, что открывает дополнительные возможности для британского бизнеса.

Отмечено, что в Туркменистане последовательно формируется благоприятная инвестиционная среда, предусматривающая правовые гарантии, механизмы международного арбитража и специальные экономические режимы. В числе приоритетных направлений названы энергетика, нефтехимия, агропромышленный сектор, технологии и инфраструктура.

В завершение выражена готовность к выстраиванию долгосрочного партнерства на основе взаимного уважения и взаимной выгоды.

# TÜRKMENISTAN BILEN BEÝIK BRITANIÝANYŇ ARASYNDA AKADEMIKI HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

2025-nji ýylyň 26-njy fewralynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýetiniň Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygyna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde bilim, ylym we hünärmenleri taýýarlamak ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen birnäçe ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi.

Gol çekilen resminamalaryň hatarynda:

Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen «AQA Assessment Services» jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama;

Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen «Pearson» milli kompýuter ulgamlarynyň arasynda başarnyklar, sertifikatlaşdyrmak we hünär derejelerini ýokarlandyrmak babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama;

Türkmenistanyň Milli bilim instituty bilen Norwiç dil bilimi institutynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama;

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri bilen «Nottingham Trent» uniwersitetiniň arasynda ylym we bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.



Gol çekilen resminamalar akademiki hyzmatdaşlygy giňeltmäge, häzirki zaman bilim standartlaryny ornaşdyrmaga hem-de iki ýurduň bilim we ylym edaralarynyň arasyndaky özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilendir.

# BEÝIK BRITANIÝANYŇ DAŞARY IŞLER, ARKALAŞYGYŇ IŞLERI WE ÖSÜŞ BOÝUNÇA MINISTRI BILEN DUŞUŞYKLAR

2026-njy ýylyň 26-njy fewralynda Lankaster binasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Daşary işler, Arkalaşygyň işleri we ösüş boýunça ministri Iwett Kuperiň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Gepleşiklere Birleşen Patyşalygyň Ýewropa, Demirgazyk Amerika we daşarky çäkler boýunça Döwlet ministri Stiwen Dauti hem gatnaşdy.

Gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň toplumy, sebit gün tertibi hem-de halkara ähmiýetli häzirki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. “Merkezi Aziýa – Birleşen Patyşalyk” görnüşindäki ilkinji ministrler derejesindäki duşuşygyň ähmiýeti bellenildi we taraplar ony amaly mazmun bilen baýlaşdyrmaga taýýardyklaryny tassykladylar.

Türkmenistan ähli halkara meseleleriniň diňe parahatçylykly syýasy-diplomatik serişdeler arkaly, halkara hukugynyň kadalaryna we BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda çözülmegine ygrarlydygyny tassyklady.

Ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerine, şol sanda ýaşyl tehnologiýalar, sanlylaşdyrma we ulag ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyga, şeýle hem medeni-ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmäge garaldy.



Duşuşygyň ahyrynda taraplar türkmen-britan hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar hem-de ýokary derejeli saparlary guramagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Soňra birnäçe ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi.

* * *

Soňra Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Birleşen Patyşalygyň Daşary işler ministrleriniň işnahary geçirildi. Ol Beýik Britaniýanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy Iwett Kuperiň adyndan guraldy.

Iş naharynda sebit hyzmatdaşlygy, şol sanda howpsuzlygy üpjün etmek, durnukly ösüş we sebitara gatnaşyklary berkitmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow öz çykyşynda amaly hyzmatdaşlygy ösdürmäge we sebit howpsuzlygyny berkitmäge gönükdirilen birnäçe anyk başlangyçlary öňe sürdi. Olaryň hatarynda bilelikdäki okuw maksatnamalaryny işe girizmek hem-de “Türkmenistan – Birleşen Patyşalyk Medeni Dialogy” atly täze görnüşi döretmek bar.

Owganystanyň parahatçylykly ösüşine goldaw bermek maksady bilen infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmegiň, şol sanda TOPH gaz geçirijisini, elektrik geçiriji ulgamlary hem-de owgan ugry boýunça demir ýol gurluşygyny amala aşyrmagyň ähmiýeti nygtaldy.

Şeýle hem britan hukuk we maslahat beriş kompaniýalaryny çekmek arkaly tehniki we maslahat beriş hyzmatdaşlygyny giňeltmek, serhetara söwdanyň aç-açanlygyny üpjün etmek üçin sanly çözgütleri ornaşdyrmak teklip edildi.

Sebitiň durnuklylygyny we yzygiderli ösüşini berkitmek maksady bilen Beýik Britaniýanyň tehnologik mümkinçiliklerini Merkezi Aziýa ýurtlarynyň diplomatik tagallalary bilen utgaşdyrmagyň möhümdigi aýratyn bellenildi.

## СОСТОЯЛОСЬ ЗАСЕДАНИЕ МИНИСТРОВ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ СТРАН ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ И ВЕЛИКОБРИТАНИИ

26 февраля 2026 года в Ланкастер-хаусе состоялось заседание министров иностранных дел стран Центральной Азии и Великобритании, в ходе которого были рассмотрены перспективы углубления политического диалога,



торгово-экономического и инвестиционного сотрудничества.

В своём выступлении Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов выразил признательность британской стороне за инициативу проведения первой министерской встречи в формате «Центральная Азия – Великобритания» и отметил её своевременность в условиях укрепления региональной консолидации в Центральной Азии.

Подчёркнута заинтересованность стран Центральной Азии в формировании устойчивой и конкурентоспособной экономики, способной эффективно реагировать на глобальные вызовы. В этой связи обозначены приоритетные направления сотрудничества с Соединённым Королевством.

В числе ключевых сфер названы энергетика и декарбонизация, включая модернизацию нефтегазовой отрасли, внедрение технологий глубокой переработки углеводородов и развитие возобновляемой энергетики; финансовые и торговые технологии с использованием опыта Лондона как одного из ведущих мировых финансовых центров; профессиональные услуги, включая правовой, консалтинговый и аудиторский сектор; а также транспортно-логистическое направление и укрепление транзитного потенциала региона.

В завершение Министр подтвердил готовность Туркменистана к активному и предметному взаимодействию как в рамках нового формата, так и на двусторонней основе, с ориентацией на достижение конкретных и взаимовыгодных результатов.

Также в ходе заседания были обсуждены региональные и другие вопросы международной повестки дня.

## СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С ГОСУДАРСТВЕННЫМ МИНИСТРОМ ОБОРОНЫ ВЕЛИКОБРИТАНИИ

25 февраля 2026 года на Базе Королевской конной гвардии Великобритании Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов принял участие во встрече глав внешнеполитических ведомств стран Центральной Азии с Государственным Министром обороны Великобритании Лордом Родни Коукером.

В рамках состоявшейся встречи были обсуждены вопросы региональной безопасности, укрепления взаимопонимания и развития диалога между странами Центральной Азии и Соединённым Королевством.

Особое внимание было уделено обмену опытом в области профессиональной подготовки кадров, совершенствования механизмов реагирования на современные вызовы и угрозы.

Участники мероприятия подчеркнули значимость поддержания конструктивного и доверительного взаимодействия, направленного на укрепление стабильности и безопасности как на региональном, так и на международном уровнях.

## MEETINGS AT THE PARLIAMENT OF THE UNITED KINGDOM

On 25 February 2026, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, Rashid Meredov, took part in the meeting of the Central Asian foreign ministers with the Speaker of the House of Commons of the British Parliament, Lindsay Hoyle.

During the meeting, the Turkmen side expressed gratitude for the consistent efforts to strengthen interparliamentary ties. In this context, the implementation of the provisions of the 2011 Memorandum of Understanding, as well as the active work of parliamentary friendship groups, was highlighted.

A separate meeting was also held at the Parliament of the United Kingdom with members of the All-Party Parliamentary Group on cooperation with the countries of Central Asia, chaired by Pam Cox.

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRI ŞAZADA EDWARD BILEN GEÇIRILEN DUŞUŞYGA GATNAŞDY

2026-njy ýylyň 25-nji fewralynda Beýik Britaniýanyň Daşary işler ministrliginiň hökümet binasy bolan Lankaster-hausda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Şazada Edward, Edinburg Gersogy bilen duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň dowamynda taraplar türkmen-britan gatnaşyklaryny mundan beýläkde pugtalandyrmak meseleleri boýunça pikir alyşdylar hem-de aýratyn-da medeniýet we bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösýändigini nygtadylar.



***

Şazada Edwardyň, Edinburg Gersogynyň gatnaşmagynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň bilelikdäki iş naharynyň başynda «Merkezi Aziýa – Beýik Britaniýa» formatynda geçiriljek ilkinji ministrler derejesindäki duşuşygyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm ädim bolup durýandygy bellenildi.

Türkmen tarapy mähirli kabul edilendigi üçin minnetdarlyk bildirip, Beýik Britaniýa özboluşly medeni we diplomatik mirasa eýe bolan döwlet hökmünde uly hormat bilen garaýandygyny belledi. Syýasy we ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bilen bir hatarda, medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy.

Türkmenistanda iňlis dilini we britan medeniýetini öwrenmäge bolan ýokary gyzyklanmanyň bardygy, şeýle hem bilim we akademiki alşygyň, şol sanda Chevening maksatnamalarynyň ähmiýeti aýratyn bellenildi.

Medeni dialogyň işjeňleşdirilmegine mysal hökmünde Aşgabat şäherinde Şotlandiýa tans agşamy «Ceilidhiň» geçirilmegi, Türkmenistanyň paýtagtynda Wilýam Şekspiriň ýadygärliginiň oturdylmagy, şeýle hem BBC tarapyndan Köpetdag alajagaplaňlary barada dokumental filmiň ýaýlyma berilmegi görkezildi.




***В Исламабаде послы Туркменистана и Эфиопии обменялись мнениями по расширению взаимовыгодного сотрудничества между двумя странами***

20 февраля в посольстве Туркменистана посол Туркменистана А.Мовламов принял нового посла Эфиопии в Пакистане Омер Хусейн Оба. В ходе состоявшейся встречи туркменский посол поздравил коллегу с назначением и пожелал ему успешной дипломатической деятельности в Пакистане.

Стороны отметили большие перспективы развития туркмено-эфиопских отношений, подтвердив взаимную заинтересованность в расширении политического диалога и торгово-экономического сотрудничества. Особое внимание было уделено актуальной региональной ситуации, включая вопросы транспортной и экономической взаимосвязанности.

По итогам встречи стороны выразили уверенность в дальнейшем укреплении дружественных связей и координации усилий на международной арене.

***Посол Туркменистана в Беларуси встретился со студентами института Сахарова***

Посол Туркменистана в Беларуси Назаргулы Шагулыев провёл встречу с туркменскими студентами Международного государственного экологического института имени А.Д. Сахарова. Об этом сообщила пресс-служба посольства в Минске.

В ходе встречи обсуждались вопросы применения европейского опыта в реализации экологических инициатив в Туркменистане, а также темы, связанные с девизом 2026 года – «Независимый нейтральный Туркменистан – родина целеустремлённых крылатых скакунов».

Центральным событием стала презентация новой книги Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова «Нейтралитет Туркменистана – светлый путь мира и доверия». Посол разъяснил студентам концепцию «позитивного нейтралитета» как основы международного доверия и межгосударственного сотрудничества.

Директор института профессор Олег Родькин отметил высокий уровень подготовки туркменских студентов и назвал их «будущими архитекторами устойчивого развития». По его словам, знания, полученные в Минске, позволят им в дальнейшем внедрять инновации в сельское хозяйство, энергетику и охрану экосистем Туркменистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***